***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny ösdürmäge, ýaş nesle berilýän bilim-terbiýäniň hilini ýokarlandyrmaga uly ähmiýet berilýär. «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň» kabul edilmegi bu babatda uly buýsanç bilen bellenilmäge mynasypdyr. Konsepsiýanyň IV babynda degişli bilim basgançaklary bilen bir hatarda başlangyç bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek meselesine hem üns çekilýär.***

Konsepsiýada başlangyç bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek wezipesiniň milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýe bolup durýandygy,  çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny nazara almak bilen, bilim ulgamynyň başlangyç bilim derejesinde okuw-terbiýeçilik işinde kompetentlik çemeleşmesinden ugur almagyň möhümligi, umumybilim maksatnamasynyň bu derejesinde okuwçylarda kemala getirilýän başarnyklar, olaryň geljekki derejelerde üstünlikli okamaklarynyň, olarda täze bilim başarnyklarynyň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň, olaryň sazlaşykly ösen şahsyýetler bolup ýetişmekleriniň berk binýadyň goýulýandygy bellenilýär.

Konsepsiýa laýyklykda, okatmagyň kompetentlik çemeleşmesi pedagoglaryň öňünde bilim-terbiýe bermek işinde netijeli usullaryň toplumyny döredijilikli we giň gerimde peýdalanmaga ýol açýar. Şu maksat bilen, başlangyç synplarda okuwçylara bilim we terbiýe bermek işiniň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça usuly gollanmalar, okuwçylaryň ýaş-psihologik we fiziologik aýratynlyklary nazarda tutulyp, innowasion okuw kitaplaryny taýýarlamak işleri dowam etdiriler. Umumybilim maksatnamalarynyň başlangyç bilim derejesinde şahsyýete, belli bir okuw dersine gönükdirilen, maglumat, okuwçylaryň bilim derejelerini bahalandyrmak, interaktiw, tankydy pikirlenmek, türgenleşik geçirmek we beýleki innowasion pedagogik tehnologiýalarynyň işjeň ulanylmagyna giň mümkinçilikler açylar we zerur şertler dörediler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ýaş nesliň düýpli we döwrebap bilim almagy, kämil terbiýelenmegi, pedagogik işgärleriň hünär taýdan kämilleşmegi ugrunda uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlarymyzy aýdýarys.

**Selbi BUGRAÝEWA,**
**Aşgabat şäheriniň 63-nji orta mekdebiniň mugallymy.**

Все права защищены